# Biziñ iñ uly bialaçlygymyz

Category: Kitapcy,Oýlanmalar,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Biziñ iñ uly bialaçlygymyz BIZIÑ IÑ ULY BIALAÇLYGYMYZ




*Kimsi awtoulagyny itip, kimsi ýanýoldaşynyñ elinden tutup, kimsi gujagyna çagasyny alyp… Ajygypdyrlar, ýadap süllümbaý bolupdyrlar, garadere batypdyrlar, durman ylgaýarlar. «Iphone»-lara, «Huawei»-lere, «Samsung»-lara tarap ylgaýarlar!*
Ýöreýärler.
Aýal, erkek, ýaş, garry, çaga-çuga diýmän ýöreýärler.
Diñe ýöränoklar, awtoulaglary bilen gidýärler. Awtoulaglaryna münüpdirler, ýük awtoulaglarynyñ yzyna aslyşypdyrlar, minibuslary doldurypdyrlar, awtobuslar bilen gidip barýarlar. Ýüzleri gyzarypdyr, gözleri peträpdir, hemmesi aljyrañňy takatsyzlyga düşüpdir.
Gara ýoluñ ugry hyryn-dykyn. Zynjyr ýaly bir ugra düzülen awtoulaglaryñ we adamlaryñ başyndan aýagyna çenli näçe kilometr bar. Hemmesiniñem ümzügi bir ugra tarap.
Kimsi ylgaşlap, kimsi aýaklaryny süýräp, kimsi howlukmaç haýdap beýleki birine egnini kakyp gidip barýar.
Nirden gelýärler, nirä gidýärler, kim bular?
Göwrelerini gurşap alan, gözlerinde ulanan bu isteriki dert-alada nämäniñ alamaty?
Awtoulaglar dynman biri-birine signal berýär. Ysytmaly köpçülik ýoluñ gyrasyndan suw ýaly akyp barýar, olary göýä uly açlykdan çykandyr, göýä bir owurt suwa zar galandyr, göýä bir

döwüm çörege mätäç bolandyr öýdersiñ. Olar kül-peýekun edilenden soñ yzlaryna seretmän gaçyp barýan goşunyñ sermisal esgerleri ýaly gidýärler.
Ýadro howpy barmy, täze uruşdan gaçýarlarmy, ýa bolmasa radioaktiw alamat barmy?
Diwarlar ýykylypdyr, çekilen setkalar bölek-bölek edilipdir, hamana bosgun ordasy barýan ýaly gidip barýarlar. Ýollarda haos, ber-başagaýlyk, gaşlar bürüşik, başly-barat topbak halda süýşüp barýarlar…
Ylgaýarlar!
Durman ylgaýarlar!
Bir-birlerini itip, ýerasty geçelgelerden geçip, haýatlardan böküp, wiaduklardan aşyp ýol geçýärler. Tertipsiz, başly-barat, talañçylyga giden sermisal goşunyñ esgerleri ýaly gidip barýarlar.
Samsundan, Sinopdan, Rizeden, Trabzondan ýola çykypdyrlar, Giresundan, Ordudan, Hopadan geçip, bir ýerde-de säginmän topbak-topbak bolup gelýärler. Kimsi başaçyk, kimsi bürenjekli, kimsi döwrebap, kimsi dindar, kimsi aýal, kimsi göwreli, kimsi bugdaýreñk ýaş ýigit itenek-çomanak bolşup, yzly-yzyna tapgyrma-tapgyr gidip barýarlar.
Kimsi Stambuldan gelipdir, kimsi Erzurumdan, kimsi Agrydan.

* * *

Hanha, kem-kemden öñdäki menzilem görnüp başlaýar. Köpçülik indi öñküsindenem beter haýdap, howlugyp başlady. Bir-birlerini depgiläp, biri beýlekisinden ozup, gohlaşyp gidişlerini diýsene. Adamlar aç, adamlar çakgan, adamlar heýjanly.
Kimsiniñ gujagy çagaly, kimsiniñ arkasy goşhaltaly, kimsiniñ sumkasy azykly ýöräp barýarlar. Garadeñiz şossesinde kilometrlere uzaýan kerwenleriñ yzy üzülenok, öñi görnenok.
Artwini, Hopany yzda goýup, Sarp gümrük nokadyndan geçip, Batumä tarap gidip barýarlar.
Kimsi awtoulagyny itip, kimsi ýanýoldaşynyñ elinden tutup, kimsi gujagyna çagasyny alyp… Ajygypdyrlar, ýadap süllümbaý

bolupdyrlar, garadere batypdyrlar, durman ylgaýarlar.
«Iphone»-lara, «Huawei»-lere, «Samsung»-lara tarap ylgaýarlar!
Asyrlar boýy bir gysym topraga zar, ýyllar boýy aç galan ýaly, çöllerde suwsuzlykdan gurap giden ýaly boluşlary.
Sykylyk atyp, biri-birini kakyp ýadapdyrlar, tapdan düşüpdirler, demi demlerine ýetmän aklyndan azaşan ýaly ylgaýarlar.
«Iphone»-lara, «Huawei»-lere, «Samsung»-lara tarap ylgaýarlar…

* * *

Garasöýmez Garadeñiziñ daglary ümür-duman. Awtoulaglaryñ radiosyndan bir adamyñ berýän görkezmeleri ýañlanýar. Görkezme ýokardan – sesi dag-derelerde ýañlanýar:
«Eşitdim-eşitmedim diýmäñ, NDS salgydy 18%-den 20%-e çykdy! Daşary ýurtdan alynýan telefonlaryñ registrasiýa çykdajysy 20 müñ lira bolandyr-la, haw!»
Ýöreýärler.
Ýüreklere sanjylyp duran gorkynyñ saýasyna sygynyp ýöreýärler, agyzlarynda ugur-utgasyz utanjyñ sessizligi bilen dymyp barýarlar.
Ellerinde sowalga ýok, bannerleri-de şeýle.
Öñe sürýän şygarlary-da ýok, adalat bilenem, hak-hukuk bilenem işleri ýok.
Mitinge gidip barýan ýalam däl, aýdymam aýdanoklar, asyl ýüzi gülýän ýok.
Suprasy kiçeldigisaýy kiçelen. Aç-hor galandyklary üçin, bir döwüm çörek üçin, iş taşlama hukugy üçin ýöränoklar.
Kükrekleriniñ ýarylyp nämeleriniñ ogurlanandygyny bilenoklar.
Lukmamyz nämüçin kiçeldi diýip soranoklar. Bu jeberut düzgüni döreden kim, piñlerine-de däl.
Sorag bermäni bireýýäm ýatdan çykarypdyrlar.
Çagalaryñ geljegi nesilme-nesil ogurlanypdyr.
Nämüçin, nädip, näme sebäpli diýip soramany undupdyrlar.
Iñ köpem boýun egmegi, iñ gowam lepbeý diýmegi öwrenipdirler.
Refleksleri körleşen, nerw damarlary ölen, duýgusyzlaşan sülsada dönüpdirler.

Adamjyklaryñ sesi gyrylypdyr, gymmatlyklary göýdükleşipdir, hasam beteri şükür etmek öwredilipdir, alaçsyz goýlupdyr.
Ýele garşy ýöremegi undan, ruhuny seslere gabap goýan, göwresini ýeliñ ugruna goýberen, sessiz-sedasyz, hereketsiz, öli, ýeri gelende howply jemendeler.
Metjitlerde mukaddesleşdirilen, doga-dileglere beslenen, elmydama ýok saýylan, hemişe mertebesi peseldilen, hemişe buýsanjy soldurylan, tutuşlygyna boýun egdirilen, biçäre halda taşlanylypdyr.
Añ dünýäsi eýelenen, sesleri ýumdurylan, sözleri gandally, düşünjeleri tussag.
Ýüzlerinde boýun egmegiñ, dymmagyñ, kaýyl gelijiligiñ döz gelip bolmaýan hary-zelilligi.
Pese düşürilen jemgyýetiñ bialaçlygy.
Biziñ iñ uly bialaçlygymyz.

Ýusuf NAZYM.

Sişenbe, 11.07.2023 ý. Oýlanmalar